# Öwrüleý

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Öwrüleý ÖWRÜLEÝ



Eý şähdi näzik[1] tebigat gül ýüzüñden öwrüleý,
Eý kamar ýüzlük şeker -şirin sözüñden öwrüleý,
Hoş galam ol iki gaşy gunduzyñdan öwrüleý,
Işwe näz eýläp bakan nerkes gözüñden öwrüleý,
Hem ýüzüñden, hem gözüñden, hem özüñden öwrüleý.
Bu ne[2] döwletdir ki didaryñ tomaşa eýlesem,
Göýä ol hazreti Ýusupny söwda eýlesem,
Aý ýüzüñni görübän özümni şeýda eýlesem,
Yşkyñy eý nowbaharym köñlüme ja eýlesem,
Hem başyñdan, hem daşyñdan, hem gaşyñdan öwrüleý.

Tagty-dünýäni gezip, sen deý nigary görmedim,
Sen kibi sahyp letapat, gülgüzary görmedim,
Sen deýin näzik beden, çeşmi humary görmedim,
Dilrubalar-içre sen dek şähriýary görmedim,
Hem biliñden, hem eliñden, hem diliñden öwrüleý.

Uýkyda görgen oşol şahy-jahanym senmi-sen?
Akly-huşum algan ol gaşy kemanym senmi-sen?
Köñlüm içre jaýy bolgan mähribanym senmi-sen?
Kamaty tubydan artyk, şirin zybanym senmi-sen?
Hem tiliñden, hem lebiñden, hem balyñdan öwrüleý.

Bu muhammesni seniñ waspyñ bilen kyldym beýan,
Akly-huş ýetmez seniñ waspyñga näzik hyram,
Waspyñny diýsem tükenmez tä bu dem ýowmul-kyýam,
Men garyp janym pida kylsam saña bolsun gulam,
Hem boýuñdan, hem öýüñden, hem hoýuñdan öwrüleý.

Şükür Alla, sen kibi bir mahlykaga uçradym,
Çün jemaly apytap gaşy garaga uçradym,
Andalyby-binowadyr, hem nowaga uçradym,
Bu ne döwletdir ki sen dek patyşaga uçradym,
Hem gözüñden, hem ýüzüñden, hem özüñden öwrüleý.

Nurmuhammet ANDALYP.

---

1. Şehi-näzik  inw. No: 934.
2. Herne  inw. No: 958, 28 sah. Goşgular